**Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň 2019-njy ýylyň 30-njy oktýabryndaky №113 buýrugy bilen tassyklanyldy**

# №1-dg “Kuwwatlyklaryň, obýektleriň herekete girizilişi we potratçylyk işleriniň ýerine ýetirilişi barada hasabat” (çärýeklik) döwlet statistik hasabatlylygyň formasyny doldurmak boýunça GOLLANMA

## Umumy düzgünler

1. №1-dg formasy boýunça hasabaty sargyt edijiler bilen potratçylaryň şertnamasy boýunça ýerine ýetirmeklik boýunça işleri Türkmenistanyň ykdysady işleriniň görnüşleriniň döwlet klassifikatoryna laýyklykda “Gurluşyk” seksiýasyna degişli bolan, eýeçilik görnüşine we pudaklaýyn tabynlygyna garamazdan guramlar – ýuridiki düzýärler.

Hasabatlary ähli umumygurluşyk we ýöriteleşdirilen guramalar tabşyrýarlar:

- önümçilik we önümçilige degişli bolmadyk jaýlaryň we binalaryň düýpli abatlaýyş işlerini, ýaşaýyş jaýlaryň (öýleriň) abatlaýyş işlerini we gurluşygyny hem-de ilatyň sargydy boýunça beýleki gurumlary amala aşyrýan gurluşyk-abatlaýyş guramalary we ýöriteleşdirilen gurluşyk-abatlaýyş guramalary;
- jaý gurujylar bilen ýa-da beýleki potratçy guramalar bilen şertnama boýunça gönüden-göni öz güýçleri bilen gurluşyk-gurnaw işlerini amala aşyrýan mehanizasiýalaryň trestleri (dolandyryşlary) we öý gurluşyk kombinatlary;
- düýpli maýa goýumlaryň hasabyna gurnalan enjamlaryň işe girizilmegini we sazlaýyş işlerini amala aşyrýan işe giriziş-sazlaýyş guramalary;
- gurluşyk maksatlary üçin geofiziki, geologik ýa-da şoňa meňzeş barlaglar üçin, toprak saýlap almak boýunça işler, gözleg-buraw we buraw işlerini, şeýle hem suw ýygnaýan guýulary burawlamak boýunça işleri we şahta diregini geçirmek boýunça hyzmatlary amala aşyrýan buraw guramalary.

2. Edara görnüşindäki tarapy bolmadyk, öz düzüminde önümçilik birligi bar bolan potratçy guramalar, jemleýji hasabatdan başga şeýle birlikleriň her birisi boýunça hasabatlary düzýärler we önümçilik birligiň ýerleşýän ýeri boýunça (ýa-da onuň görkezmesi boýunça önümçilik birligiň özi tabşyrýar) statistiki edarasyna tabşyrýarlar.

Potratçy gurama şol bir wagtda beýleki welaýatlaryň, etraplaryň sebitinde ýerleşýän önümçilik birlikleri boýunça maglumatlary bolmadyk jemleýji hasabaty düzýär we ony özüniň ýerleşýän ýeri boýunça statistiki edarasyna tabşyrýar.

Eger potratçy guramalaryň düzüminde edara görnüşindäki tarapy bolmadyk onuň gönüden-göni bagly gurluşyk we gurnaw ýerleri bar bolsa, onda hasabat tutuşlygyna ol ýerler boýunça potratçy guramalar düzýär; hasabaty agzalan ýerler №1-dg forma boýunça düzmeýärler.

3. Düýpli gurluşyklar boýunça hasabatlar berk ýörite bellenen kalendar hasabatynyň döwründe düzülýär. Täze döredilen kärhanalar bellige alnan gününden başlap hasabat döwrüniň ahyryna çenli döwür üçin hasabat maglumatlaryny tabşyrýarlar.

Ähli gymmatlyk görkezijileri şol döwrüň hereket edýän (hakyky) nyrhlarynda №1-dg formada görkezilýär.

4. Potratçy guramalaryň hasabatynda ýerine ýetirilen işleriň gymmatyny görkezmek üçin esas bolup, ilkibaşdaky hasabat maglumatlary we sargyt edijileriň tassyklan, ýerine ýetiren işleriniň we harajatlaryň gymmaty hakyndaky degişli resminamalar bolup durýar.

5. Şu ýylda berlen ýa-da kabul edilen bölümçeler boýunça ähli hasabat görkezijileri hasapdan aýrylýar ýa-da bölümçäniň çykyp giden ýa-da gelen wagtyna garamazdan degişlilikde şu ýylyň başyna, ýagny tutuş hasabat döwründe hakyky ýerine ýetirilen işlere goşulýar.

Hasabat döwründe haýsydyr bir düzümleýin bölümçe ýa-da obýekt ýapylanda, oňa degişli ähli maglumatlar hasabatdan aýrylmaýar.

Eýeçilik görnüşi ýatyrylan ýa-da üýtgän ýagdaýynda hasabat tabşyrýan gurama öz işiniň soňky hasabat döwri üçin hem ýyllyk hasabatlaryň ähli formalarynyň blankalaryndaky maglumatlary tabşyrýarlar.

6. Potratçy guramalar işleri baş, göni we kömekçi potrat şertnamalary boýunça ýerine ýetirýärler.

Jaý gurujylar bilen baglaşylan şertnama boýunça guramalaryň ýerine ýetirýän işleri gurluşykda işleriň ähli gymmaty tutuşlygyna baş şertnama boýunça ýerine ýetirilýän işlere degişlidir.

Käbir ýagdaýlarda iri gurluşyklarda düzgünden çykma hökmünde, birnäçe baş şertnama baglanyşylyp bilner.

Aýry-aýry obýektleriň gurluşygy we işleriň toplumy üçin jaý gurujylar bilen gönüden-göni baglaşylan şertnama boýunça kärhanalaryň ýerine ýetirýän işler göni şertnama boýunça ýerine ýetirilýän işlere degişlidir.

Işleriň aýry-aýry görnüşlerini öndürmek boýunça beýleki potratçy guramalar bilen baglaşylan şertnama boýunça guramalaryň ýerine ýetirýän işleri kiçi potratçylyk şertnamalary boýunça ýerine ýetirilýän işlere degişlidir.

7. №1-dg forma boýunça hasabatlarda potratçy guramalar gurluşyk-gurnaw işleri bilen bir hatarda potratçy guramalar ilatyň sargydy boýunça olaryň serişdeleriniň hasabyna ýaşaýyş jaýlary (öýleri) we beýleki gurluşyklary abatlamak boýunça işleri, şeýle hem beýleki potrat işlerini goşmak bilen, desgalary we binalary düýpli abatlamak boýunça işleri hem görkezýärler. 2-nji Goşundyda beýleki potrat işleriň sanawy getirilen.

8. Potrat işleriniň gymmatyna goşulmaýarlar (şol sanda düýpli abatlaýyş işleriniň hem gymmatyna):

8.1 Gurluşyk-gurnaw we beýleki işleriň zaýalaryny we pes hilde ýerine ýetirilenlerini aýyrmak boýunça işleriň gymmaty;

8.2. Gurnalýan we abatlanýan enjamlaryň gymmaty, şeýle hem enjamlary ýygnamak üçin satyn alnan demir bölekleriň gymmaty;

8.3. Kömekçi önümçiligiň we hyzmat edýän hojalyklaryň önümleri we hyzmatlary;

8.4. Gurluşyk meýdançalaryna getirilen ýa-da şol ýerde taýýarlanylan entek işde ulanylmadyk şaýlaryň, bloklaryň, gurnawlaryň we gurluşyk materiallarynyň gymmaty.

## 1 Bölüm. Önümçilik maksatly obýektleriň gurluşygy

9. Bu bölümde döwlet kärhanalarynyň we guramalarynyň düýpli maýa goýumlarynyň, şeýle hem jemgyýetçilik, paýdar we kooperatiw (daýhan birleşiklerini goşmak bilen) guramalaryň serişdeleriniň hasabyna gurluşygy amala aşyrylýan önümçilik obýektleri görkezilýär.

Potratçy guramalaryň öz gurluşyklarynyň obýektleri hem bu bölümde görkezilýär.

10. A sütünde hasabat ýylynda önümçilik kuwwatlyklaryny işe girizmeklik göz öňünde tutulan gurluşyklar, olaryň yzygiderliligi, işe girizilýän toplumlar we obýektler hasaba alynýar.

11. 2-nji sütünde tutuş gurluşyk boýunça natural görnüşinde, şeýle hem ýylyň meýilnamasynda herekete girizmekligi göz öňünde tutulan, yzygider, işe girizilýän toplumlar we obýekler boýunça önümçilik kuwwatlyklary getirilýär.

12. 3-nji sütünde hasabat ýylynda bellenilen tertipde kabul ediş delilnamasy tassyklanan, döwlet komissiýasy tarapyndan kabul edip alnan önümçilik obýektleriniň we kuwwatlyklarynyň işe girizilenleri görkezilýär.

12.1. 3-nji sütünde delilnamalary hasabat ýylynyň dekabr aýynyň 31-nden soň tassyklanan, ýöne ýyllyk hasabaty bellenilen möhletine çenli tabşyrylan döwlet kabul ediş barlagy tarapyndan işe girizilen şeýle obýektler hem hasaba alynýar.

12.2. Hasabat döwrüne çenli kuwwatlylygy bölekleýin işe girizilen, hasabat döwründe bolsa gurluşygy doly tamamlanan obýektler boýunça 3-nji sütünde hasabat döwründe diňe işe girizilen kuwwatlylygy getirilýär.

## 2 Bölüm. Durmuş-medeni maksatly obýektleriň gurluşygy

13. Şu bölümde gurluşygyň maliýeleşdiriş çeşmelerine bagly bolmazdan baş we göni şertnamalar boýunça amala aşyrylýan durmuş-medeni (öz gurluşyklarynyň desgalaryny goşmak bilen) obýektler boýunça maglumatlar görkezilýär.

Göni şertnama ýa-da subpotrat şertnamasy boýunça ýöriteleşdirilen işler boýunça işleriň bary-ýogy aýry-aýry görnüşlerini ýerine ýetirýän potratçy guramalar bu bölümi doldurmaýarlar.

14. Degişlilikdäki ýylda ýurduň durmuş-ykdysady ösüş Maksatnamasyna laýyklykda obýektleriň işe girizilişi boýunça maglumatlary 1-nji sütünde görkezilýär.

15. 3-nji sütünde ýerleşdirilen tertipde kabul ediş delilnamasy tassyklanan obýektleriň işe girizileni görkezilýär.

16. 2-nji we 4-nji sütünlerde merkezleşdirilen maýa goýumlaryň hasabyna gurluşygy alnyp barylýan obýektler boýunça çaklaýyş we hakyky maglumatlar degişlilikde görkezilýär.

17. Bu bölümiň boş setirlerinde sanawy 1-nji goşundyda getirilen desgalaryň ulanyşa girizilişi barada maglumatlar görkezilýär. Bu goşundyda hem bu görkezijileriň doldurlyş tertibi barada esasy düzgünler ýerleşdirilen.

№1-dg formanyň boş setirlerinde statistika guramasynyň görkezmesi boýunça beýleki durmuş-medeni obýektler boýunça hem maglumatlar getirilip bilner.

Maglumatlaryň tabşyrylyşynyň dolulygyny we anyklygyny, şeýle hem olaryň mehanizmleşdirilen işläp bejeriş mümkinçiligini üpjün etmek maksady bilen görkezijileriň atlary, setirleriň kodlary (kuwwatlylyk kodlary) we ölçeg birligi sanawda getirilenine laýyklykda boş setirlerde ýazylýar; sanawda getirilenleriň tersine atlaryň beýleki redaksiýalaryna ýol berilmeýär. Maglumatlar sanawda görkezilen dowamlylykda hasabatlarda görkezilýär.

## 3 Bölüm. Öz güýji bilen ýerine ýetirilen potratçylyk işler

18. Şu bölümde ähli maliýeleşdiriş çeşmeleriniň hasabyna baglaşylan baş we göni şertnamalar boýunça ýerine ýetirilen potrat işleriniň (hasabat tabşyrýan guramalaryň öz gurluşyklaryny goşmak bilen) gymmaty barada maglumatlar görkezilýär. Şu bölümde görkezilen potrat işleriniň gymmatyna potratçy guramalaryň şertnamalary boýunça ýerine ýetirilýän, ýöne HHPUK we ÝIGDK bilen laýyklykda “Gurluşyk” pudagyna (taslama-gözleg işleri, gurumlary enjamlar bilen gurnamak boýunça işler we beýl.) girmeýän işleriň gymmaty goşulmaýar.

Potrat işleriniň gymmatyna sargytçynyň iş ýüzüne geçirilen işleriniň möçberiniň goşulan gymmatyna salynýan salgydyň gymmaty goşulmaýar. Potratçy guramalar tarapyndan satyn alnan çig malyň, materialyň, ýangyjyň, komplektleriň goşulan gymmadyna salynýan salgydy ýerine ýetirilen işleriň möçberine hem goşulmaýar we önümçiligiň harçlaryna girmeýär.

19. 344-nji setirde hereket edýän kärhanalaryň durkuny täzelemek, giňeltmek we tehniki taýdan gaýtadan enjamlaşdyrmak boýunça täze gurluşykda ýerine ýetirilýän işler görkezilýär. Gurluşyk-gurnaw işleriniň degişli ugurlara gatnaşygy tassyklanan titul sanawynda görkezilen gurluşygyň gidişi bilen baglylykda geçirilýär.

20. 345-nji setirde desgalary, binalary we enjamlary düýpli abatlamak boýunça işleriň gymmaty görkezilýär. Bu setire sanawy 2-nji goşundyda getirilen “beýleki potrat işleri” hem goşulýar.

21. 345-nji setirden 346-njy setire önümçilik we önümçilige degişli bolmadyk desgalary we binalary düýpli abatlamak boýunça işler bölünip aýrylýar.

21.1. Önümçilik jaýlarynyň we desgalarynyň düýpli abatlaýyş işleriniň dowamynda jaýlarda we desgalarda gulluk möhleti uly bolup durýan esasy gurnawlaryň (jaýlaryň we desgalaryň daş we beton binýatlary, diwarlaryň, jaýlaryň ähli görnüşleri, diwarlaryň karkaslarynyň ähli görnüşleri, ýerasty ýaýlymlaryň turbalary, köprüleriň söýgetleri we beýl.) çalşylmagyny ýa-da doly çalşylmagyny hasaba almazdan jaýlaryň we desgalaryň könelen gurnawlaryny we şaýlaryny çalyşmak ýa-da olary abatlanýan desgalaryň has berk we tygşytly, ulanyş mümkinçiliklerini ýokarlandyrýan gurnawlaryna we şaýlaryna çalyşmak işleri geçirilýär.

22. 348-nji setirde desgalaryň, binalaryň we enjamlaryň häzirki abatlaýyş işleri görkezilýär. Desgalaryň we binalaryň häzirki abatlaýşyna jaýlaryň we binalaryň bölümlerini ulgamlaýyn we öz wagtynda gorap saklamak we öňüni alma çäreleri hem-de ownuk-uşak zaýalanan we zeper ýeten ýerlerini ýok etmekligi geçirmek ýoly bilen wagtyndan öň ulanylan inžener enjamlar boýunça işler girýär.

Enjamlaryň şu abatlaýyşynda, işiň gidişinde we onuň kadaly işe girizilmegi üçin päsgelçiligi ýüze çykarýan, düwündäki we agregatlardaky dürli näsazlyklar aradan aýrylýar.

23. 344-nji setirden 349-njy setire önümçilik obýektlerinde baş we göni şertnamalar boýunça ýerine ýetirilýän işleriň gymmaty bölünip görkezilýär.

24. 350-nji setirde merkezleşdirilen düýpli maýa goýumlaryň hasabyna baş we göni şertnamalar boýunça guramalaryň ýerine ýetiren işleriniň gymmaty görkezilýär.

25. 351-nji setirde baş we göni şertnamalar boýunça (343-nji setir) guramalaryň ýerine ýetiren işleriniň gymmaty 1984-nji ýylyň smeta nyrhlarynda görkezilýär, 352 setir boýunça bolsa – daşary ýurtlarda ýerine ýetirilen potrat işleriniň möçberi.

## 4 Bölüm. Raýatlaryň serişdeleriniň hasabyna potrat usuly bilen obýektleriň gurluşygy we abatlaýyş işleri

26. 01-nji setirde şäherlerdäki, şäherçelerdäki raýatlaryň we bank karzlarynyň hasabyna ýaşaýyş jaýlarynyň gurluşygy barada hasabatlar, şeýle hem öň gurulan şahsy ýaşaýyş jaýlaryna gapdalyndan salma ýa-da üstünden salma gurluşyklary barada maglumatlar görkezilýär.

Banklardan ssuda we sargyt edijiniň (daýhan birleşigiň) balansynda hasaba alnan daýhan birleşikleriň serişdeleriniň hasabyna gurulan ýaşaýyş jaýlary barada maglumatlar hasabata goşulmaýar. 01-nji setirde daça jaýlary, ýaşaýyş üçin wagtlaýyn niýetlenen jaýlar, şeýle hem ýaşaýyş jaýlarynyň düýpli abatlaýyşy barada maglumatlar görkezilýär.

Ýaşaýyş jaýlarynyň umumy (ýaramly) meýdanyna ýaşaýyş otaglaryň (umumy otaglar we ýatakhanalar) we ýaşaýyş jaýlaryň (aşhanalar, wannalar ýa-da duşlar, oturdylan şkaflar, kiçijik ammarlar) düýpli diwarlarynyň ölçeginde kömekçi jaýlaryň meýdany girýär: ýyladyjysy bar bolan ýylyň bütin dowamynda ýaşamak üçin niýetlenen jaýlaryň gapdalyndan gurulan şeýle hem ýaşamak üçin ýaramly, ýyladyjysy bar bolan mansardalaryň we mezoninleriň meýdanlary.

Umumy (ýaramly) meýdana: çykyş edýän gurnaw elementleri we ýyladyjy peçleri bar bolan basgançak öýjükleriniň; gapdalyndan gurulan we ýyladyjysy bolmadyk jaýlaryň (dalanlaryň, eýwanlaryň, balkonlaryň, lojileriň), şeýle hem ýyladyjysy bolmadyk mansardalaryň, mezoninleriň; aýratyn duran aşhanalaryň, hammamlaryň, kümeleriň, basdyrmalaryň we beýlekileriň; ýaýlalaryň, bag jaýjagazlarynyň we beýleki wagtlaýyn ýaşamak üçin ulanylýan jaýlaryň meýdany girmeýär.

Eger ýaşaýyş otagy şol bir wagtda aşhana hem bolup durýan bolsa, ýagny aşhana aýry bolmasa, onda şeýle otaglaryň tutuş meýdany ýaşaýyş meýdany hasaplanylýar.

Ýaşaýyş jaýlarynyň işe girizilişi barada maglumatlar 1-nji sütüniň 01-nji setirinde ýerleşdirilen tertipde hakyky işe kabul edilip alnan ölçegde görkezilýär.

27. 02-nji setirde ilatyň sargydy boýunça şu işler görkezilýär: öýleri, jaýlary, bag jaýjagazlary we beýleki gurumlary abatlamak, jaýlary sökmek we täze ýerlerde gurnamak, ülňülere gabat gelýän we beýleki gurumlar boýunça işler, ýaşaýyş gaznasyny abadanlaşdyrmak

boýunça işler (elektrik, suwgeçirijileri, lagymlary, ýylylyk, gaz ulgamlaryny geçirmek, abatlamak, bar bolan enjamlary öý hojalyklaryň we öýleriň sebitlerinde oturtmak).

Ilatyň (sargytçylaryň) ulanýan materiallarynyň gymmaty we bu materiallary ulanmak bilen sargytçylaryň özleriniň ýerine ýetirilen abatlaýyş we gurluşyk işleriniň gymmaty potrat guramalarynyň işleriniň ýerine ýetirilen gymmatyna girmeýär.

**5 Bölüm. Gurluşyk-gurnaw işlerinde meşgul bolan işgärleriň sany we iş hakynyň gaznasy**

28. 310-njy setirde potrat işleriniň gymmaty görkezilýär, olara şu aşakdakylaryň gymmaty goşulýar:

merkezleşdirilen maýa goýumlarynyň hem-de döwlet kärhanalarynyň we guramalarynyň serişdeleriniň hasabyna ýerine ýetirilýän gurluşyk-gurnaw işleriniň;

kärende, kooperatiw, jemgyýetçilik kärhanalarynyň we guramalarynyň, ýaşaýyş jaý gurluşygy boýunça hususy jaý gurujylaryň, daýhan birleşikleriň öz serişdeleriniň hasabyna ýerine ýetirilen gurluşyk-gurnaw işleriniň;

eýeçiligiýň ähli görnüşindäki potratçylaryň şertnamalary boýunça ýerine ýetirilen işler.

beýleki harajatlar:

işleri gurnamagyň wahta usulyny ulanmak bilen bagly harajatlar,

işiň hereket we gatnaw häsiýeti üçin goşundylar,

işçileri iş ýerine eltmek we yzyna alyp gaýtmak bilen bagly harajatlar,

gurluşyk-gurnaw işlerini ýerine ýetirmek üçin işgärleri iş saparyna ugratmaga harajatlar,

işçileriň guramaçylykly toparyna harajatlar,

işçileriň ýörite kontingenti we beýleki ýörite derejeli işgärleri ulanmak bilen bagly harajatlar,

bir guramada dyngysyz iş stažy üçin işçileriň goşmaça her ýyllyk dynç alyşa goýberilişi bilen bagly çykdajylar,

hereket edýän ýagdaý bilen baglylykda sargyt ediji tarapyndan öwezini doldurylýan beýleki işler;

düýpli we tehniki abatlaýyş işleriniň we beýleki potrat işleriň (bu işleriň sanawy 2-nji goşundyda getirilen);

29.301-nji setirde debitorlyk bergini hasaba almazdan, sargyt ediji tarapyndan tölenen, hasabat döwründe ýerine ýetirilen potrat işleriniň gymmaty görkezilýär.

30. Personalyň esasy we esasy bolmadyk işlerini eýeleýän işgärleriň ortaça sany we zähmet haky kesgitlenende Türkmenistanyň statistika baradaky döwlet komitetiniň 2017-nji ýylyň mart aýynyň 24-ne tassykanan №15-nji işgärleriň sanynyň we zähmet hakynyň hasabaty boýunça Gollanmasyna esaslanmalydyr.

31. Balans peýda (309 setir) we zyýan (311-nji setir) önümiň iberilmegi, ýerine ýetirilen işleriň, edilen hyzmatlaryň, gaýry material gymmatlyklarynyň we şol işler boýunça harajatlaryň möçberine çenli azalan, ýerleşdirmekden daşary işlerden gelen girdejileriň maliýe netijesinden goşulýar.

Gymmatlyk görkezijiler oturdan soň bir belgä çenli takyklamak bilen müň manat ölçegde görkezilýär.

**Maýa goýumlaryň statistikasy we seljerişi müdirligi**

Goşundy 1

**MAGLUMATLARY №1-DG (cärýeklik) GÖRNÜŞLER BOÝUNÇA HASABATYŇ 1-NJI BÖLÜMIŇ BOŞ SETIRLERINDE GÖRKEZILEN OBÝEKTLERIŇ SANAWY**

| Obýektleriň atlary | Ölçeg birligi | Setiriň № | Maglumatlaryň tabşyrylmagynyň döwürleýinligi |
|---|---|---|---|
| **A** | **B** | **Ç** | **1** |
| **Jemagat gurluşygy** | | | |
| Suw geçiriji | Gije-gündizde müň kub metr suw | 531 | I ýarym ýyllyk, ýyl |
| | Suw akdyryjylar we ulgamlar, kilometr | 532 | -//- |
| Lagym | Gije-gündizde, müň kub metr akdyrylýan hapa suwlar | 538 | -//- |
| Gazlaşdyrma | Akabalar we ýaýlymlar, kilometr | 539 | -//- |
| | ýaýlymlar, kilometr | 545 | -//- |
| Ýylylyk üpjünçiligi | -//- | 550 | -//- |
| Myhmanhanalar | orun | 555 | ýyl |
| **Saglygy goraýyş, beden terbiýe we durmuş üpjünçiligi:** | | | |
| 570-nji setirden: | | | |
| çaga hassahanalary | hassa oruny | 577 | I ýarym ýyllyk, ýyl |
| çaga dogurylýan öýler | -//- | 580 | -//- |
| 572-nji setirden: | | | |
| çagalar saglyk öýleri | salkyndaky gatnamak | 584 | -//- |
| aýal maslahatlary | -//- | 586 | -//- |
| Çagalar öýi | orun | 587 | ýyl |
| Şypahanalar | hassa oruny | 595 | I ýarym ýyllyk, ýyl |
| 595-nji setirden çagalar şypahanalary | -//- | 598 | ýyl |
| Dynç alyş öýler | orun | 610 | I ýarym ýyllyk, ýyl |
| Garrylar we maýyplar üçin internat öýler | orun | 660 | I ýarym ýyllyk, ýyl |
| Zähmet weteranlary üçin internat öýler | -//- | 661 | -//- |
| **Bilim:** | | | |
| Orta ýörite okuw jaýlary | -//- | 685 | -//- |
| 901-nji setirden: | | | |
| Ýetim çagalar we ene-atalarynyň gözegçiliginde galmadyk çagalar üçin mekdep-internatlary. | okuwçy orny | 904 | ýyl |
| Çagalar öýi | orun | 915 | ýyl |

| | | | |
|---|---|---|---|
| **Medeniýet we sungat:** | | | |
| Medeniýet öýleri | -//- | 930 | çärýekleýin |
| 930-njy setirden-etrabyň Medeniýet öýleri | -//- | 933 | -//- |
| Kitaphanalar | Kitap gaznasy, müň tomluk | 940 | ýyl |
| Muzeýler | birlik | 941 | -//- |
| Kinoteatrlar | orun | 942 | -//- |
| Teatrlar | -//- | 943 | -//- |
| Konsert we kinokonsert zallary | -//- | 944 | -//- |
| Sirkler | -//- | 945 | -//- |
| **Ilatyň durmuş hyzmatlary:** | | | |
| Ilatyň durmuş hyzmat ediş kombinatlary we durmuş jaýlary | Işçi oruny | 961 | I ýarym ýyllyk, ýyl |
| Hammamlar | orun | 966 | -//- |
| Kir ýuwulýan öýler | salkynda tonna gury geýim | 971 | -//- |
| Hammam-kir ýuwulýan kombinatlar | orun | 976 | -//- |
| | salkynda tonna gury geýim | 977 | -//- |
| Kirleri ýuwmak we geýimleri himiki seriş-deler bilen arassalamak boýunça toplumlaýyn kärhanalar | -//- | 981 | -//- |
| | salkyndaky tonna geýim | 982 | -//- |
| Awtomobil ýollary | kilometr | 568 | -//- |

1. 502-nji setirde ýaşaýyş jaýlaryň we umumy ýaşaýyş jaýlaryň umumy (peýdaly) meýdanynyň işe girizilişi baradaky maglumatlar görkezilýär.

Ýaşaýyş jaýlaryň umumy (peýdaly) meýdany ýaşaýyş meýdanyndan we kömekçi jaýlaryň meýdanyndan durýar. Ýaşaýyş meýdanyna öý we myhmanhana görnüşindäki ýaşaýyş jaýlary, şeýle hem ýaşaýyş öýleri bolan ýaşaýyş jaýlar, ýaşaýyş otaglaryň meýdany hem girýärler: naharhanalar, ýatylýan otaglar, öýüň içindäki çaga we beýleki ýaşaýyş otaglary. Umumy ýaşaýyş jaýlaryň ýaşaýyş meýdanynda diňe ýatylýan otaglaryň meýdany we ýaşamaklyk üçin otaglar hasaba alynýar.

Öý we myhmanhana görnüşindäki ýaşaýyş jaýlarynyň kömekçi jaýlaryna, şeýle hem ýaşaýyşa niýetlenmedik jaýlaryň öýlerine olaryň içinde ýerleşýän aşhanalar, dälizler, arassaçylyk-tehniki uzelleri, wannalar we geýim şkafly otaglar, ammarlar, oturdylan şkaflar, öýdäki ýapyk eýwanlar, açyk eýwanlar girýärler.

Umumy ýaşaýyş jaýlarynda kömekçi jaýlara degişlidirler: aşhanalar, koridorlar, arassaçylyk-tehniki uzelleri, wannalar, duşly we geýim şkafly otaglar, oturdylan şkaflar we beýleki medeni-hyzmatlar üçin niýetlenen hem-de saglyga hyzmat ediş jaýlary.

Ýaşaýyş jaýlarynyň umumy (peýdaly) meýdanynyň işe girizilmegini öz içine almaýar: ýaşaýyş jaýlarynyň we umumy ýaşaýyş jaýlarynyň içindäki ýaşalmaýan jaýlar üçin niýetlenen dükanlar, dermanhanalar, mekdebe çenli edaralar, dellekhanalar, geýim-gejim tikilýän we ýuwulýan jaýlar hem-de beýleki hyzmat ediş kärhanalary, öý dolandyryş edarasy, kitaphanalar, sport jaýlary we beýlekiler, şeýle hem westibýullaryň, tamburlaryň, hollaryň, basgançakly meýdançalaryň, umumy dälizleriň meýdany.

2. 531, 532-nji «Suwgeçiriji» setirinde suw kabul ediş desgalarynyň gurluşygy, sorujy stansiýalary, rezerwuarlar, suw geçirijiler, arassalaýjy desgalaryň şäher ýaýlymlary we beýleki suw bilen üpjün edýän desgalar boýunça maglumatlar görkezýär.

Içeri kwartal ýaýlymlaryny jaýlara girizmegiň gurluşygy boýunça maglumatlar bu setirde görkezilmeýär.

Suwgeçirijiniň herekete girizilişi iki ölçeg birliginde görkezilýär: suw geçirijiniň gije-gündiziň dowamynda kuwwatlylygy bir müň kub metr suw, suw geçirijiniň we köçe ulgamynyň uzynlygy kilometrde – bir setire ýerleşdirilen hemme turbalaryň uzynlygynyň ýekeleýin hasaba alynmagy. Eger-de turbalar birnäçe hatarlara ýerleşdirilen bolsa, onda olaryň uzynlygy ähli hatarlaryň uzynlygyny jemlemek boýunça kesgitlenýär.

3. 538, 539-njy «Lagym» setirlerde arassalaýyş desgalaryny, sorujy bilen sorup alyjy stansiýalary, köçe ýaýlymlaryny we akabalary hem-de lagymyň beýleki desgalaryny gurmak boýunça maglumatlar görkezilýär.

Bu görkezijä jaýlaryň goýberilişi we lagymlaryň jaýlaryň arasyndaky ýaýlymlarynyň gurluşygy boýunça maglumatlar girmeýärler.

Lagymlaryň işe girizilişi iki ölçeg birliginde görkezilýär: lagymyň kuwwatlylygy (goýberiş ukyby) gije-gündiziň dowamynda müň kub metr akar suwlary we akabalaryň hem-de ulgamlaryň uzynlygy kilometrde.

4. 545-nji «Gazlaşdyrma» setirinde şähere gaz paýlaýjy stansiýalardan gaz geçirijileriň, şäher gaz ýaýlymlarynyň, ýaýradyjy nokatlaryň, gaz paýlaýjy stansiýalaryň we beýleki gazlaşdyryş desgalarynyň gurluşygy boýunça maglumatlar görkezilýär.

Bu setire gazlaryň girizilişiniň gurluşygy, jaýlaryň arasyndaky gaz ýaýlymlarynyň we täze gurulýan ýaşaýyş jaýlarynyň gazlaşdyrylmagy girizilmeýär.

5. 550-nji «Ýylylyk üpjünçiligi» setirde şäheriň baş we paýlaýjy ýaýlymlarynyň, ýylylyk nokatlarynyň, etraplardaky ýyladyş gazanlarynyň hem-de beýleki ýylylyk bilen üpjün ediji desgalaryň gurluşygy boýunça maglumatlar görkezilýär.

Ýylylyk ýaýlymlarynyň işe girizilişi olaryň uzynlygy boýunça kilometrde görkezilýär.

Bu setire ýylylyk elektrik merkezleriniň we baş ýylylyk ýaýlymlarynyň gurluşygy boýunça olardan ýylylygyň girizilişiniň jaýlaryň arasyndaky ýylylyk üpjünçiligi ýaýlymynyň, gazanlaryň, täze gurulýan ýaşaýyş jaýlarynyň ýylylyk üpjünçiliginiň gurluşygy boýunça maglumatlar girizilmeýär.

6. 555-nji «Myhmanhanalar» setirde myhmanhanalaryň, gaýry ýerlerden gelýänler üçin jaylaryň, şeýle hem kempingleriň we motelleriň gurluşygy boýunça maglumatlar görkezilýär.

7. 570-nji «Hassahanalar» setirde keselhanalaryň, Watançylyk urşunyň maýyplary üçin gospitallary öz içine almak bilen, çaga dogurylýan öýleriň, çaga keselhanalarynyň, heýwere keselini bejerýän keselhanalaryň, şeýle hem ýokary okuw jaýlarynyň saglyk öýleriniň gurluşygy boýunça maglumatlar görkezilýär. Şeyle-de işe girizmä stasionar saglyk öýlerindäki orunlar, dispanserler, medisina ylmy-barlag institutlary, lukman we feldşer saglyk nokatlary, medisina sanitar bölümleri we feldşer-akuşer nokatlary girýärler.

572-nji «Saglyk öýleri» setirde saglyk öýleriniň (özbaşdaklary we keselhanalardakylary), ambulatoriýalaryň, dispanserleriň, medisina sanitar bölümleriniň, saglyk nokatlarynyň, feldşer-akuşer nokatlarynyň, aýallaryň we çagalaryň degişli maslahatlar almaga gelýänleriň salkyndaky mukdary görkezilýär.

8. 595-nji «Sanatoriýler» setirde orunlaryň işe girizilmegine şypahanalar boýunça maglumatlar, hereket edýän we gurulýan şypahanalaryň tomusky ýatylýan jaýlaryndaky orunlar, profilaktoriýa- şypahanalary boýunça, işçilere hyzmat etmek üçin olaryň dynç alyş döwründe we olaryň zähmet işlerinden daşlaşmazlygyna niýetlenen maglumatlar girýärler.

9. 610-njy setirde dynç alyş öýleriniň gurluşygy barada maglumatlar görkezilýär. Klimatik kurortlarda we olaryň çäginde pansionatlar dynç alyş öýlerine deňeşdirilýär.

10. 680-nji «Ýokary okuw jaýlary» setirinde işçi meýdanyny öz içine alýan ylmy-laboratoriýa jaýlarynyň umumy meýdany boýunça, ýagny ylmy-önumçilik we kömekçi jaýlaryň

meýdanynyň jemi hem-de kömekçi we tehniki jaýlaryň meýdany boýunça işe girizilişi görkezilýär.

Ýokary okuw jaýlaryna gaýybana we agşamky bölümleri gosmak bilen aşakdaky okuw jaýlary girýärler: akademiýalar, uniwersitetler, institutlar, konserwatoriýalar, ýokary mekdepler, hünärmen mekdepler  şeýle hem gutaranda ýokary bilim berýän beýleki okuw jaýlary.

11. 685-nji "Ýörite orta okuw jaýlary" setirde aşakdaky ýaly okuw jaýlarynyň okuw-laboratoriýa desgalarynyň umumy meýdany boýunça işe girizilişi görkezilýär: tehnikumlar, hünärmen mekdepler, şeýle hem gutaranda ýörite orta bilim berýän beýleki okuw jaýlary.

12. 690-njy "Orta hünärmen mekdepler we liseýler" setirde halk hojalygynyň ähli pudaklarynyň hünärmen mekdepleriniň işe girizilişi görkezilýär.

13. 901-nji "Orta mekdepler" setirde mekdep-internatlaryň ähli görnüşlerini goşmak bilen täze umumybilim beriş mekdeplerini girizmek, şeýle hem öň hereket edýänlerini giňeltmek boýunça maglumatlar görkezilýär.

Eger maýa goýumlaryň hasabyna  mekdepde beýleki maksatlar üçin jaý ulanmaga taýýarlanýan bolsa, onda şol desgalar boýunça maglumatlar hem görkezilen setirde hasaba alynýar.

Eger hereket edýän mekdepleriň giňeldilmegi netijesinde okuwçy orunlary artsa, onda 901-nji setirde orunlaryň sanynyň artany görkezilýär.

14. 910-njy «Mekdebe çenli çagalar edaralary» setirde täze mekdebe çenli edaralaryň gurluşygy hem-de bu maksatlar üçin bar bolan guramalaryň giňeldilmegi boýunça maglumatlar getirilýär. Şonuň bilen birlikde 910-njy setirde möwsümleýin mekdebe çenli çagalar edaralary boýunça maglumatlar hem görkezilýär.

15. 930-933, 940-945-nji setirlerde medeniýet we sungat desgalaryny işe girizmek, şeýle hem bar bolanlaryny giňeltmek boýunça maglumatlar görkezilýär.

16. 961, 966, 971, 976, 977, 981, 982-nji setirlerde ilatyň durmuş hyzmat ediş kärhanalary boýunça maglumatlar görkezilýär.

17. 568-nji "Awtomobil ýollary" setirde gaty örtükli içerihojalyk ýollaryny, şeýle hem etrap merkezleri bilen daýhan birleşikleriň merkezi şahalaryny birleşdirýän umumy ulanylýan awtomobil ýollarynyň işe girizilişi boýunça maglumatlar görkezilýär. Boş setirleriň birinde olaryň işe girizilişi barada maglumatlar görkezilýär. Beýleki görnüşli awtomobil ýollary boýunça maglumatlar bu setire goşulmaýar.

Goşundy 2

## BEÝLEKI POTRAT IŞLERINIŇ SANAWY

1. Ülňüleşdirilmedik we bug gazan-goşmaça enjamlary taýýarlamak boýunça işler (zawodda taýýarlanylýan düwünleriň we şaýlaryň gymmatyny goşmazdan).

2. Enjamlaryň öňürti barlag we onuň bilen bagly gaýtadan dikeldiş abatlaýşy boýunça işler (zawodda taýýarlanylýan düwünleriň we şaýlaryň gymmatyny goşmazdan).

3. Sazlaşykly işe giriziş işleri (şol sanda suw hojalyk ministrliginiň potratçy guramalary tarapyndan daýhan birleşikleriň balansyna geçirilen içerki hojalyk melioratiw desgalarynda ýerine ýetirilýän).

4. Kärhananyň esasy işleri üçin işler (suw bilen ýuwulýan, buraw bilen partladyjy we gazylyp alynýan peýdaly zatlaryň üstündäki gerekmez jynslary aýyrmak işleri, gämilerdäki antiseptika, termoizolýasyýa işleri).

5. Ylmyň gazananlarynyň hasabyna has kämil gurumlary taýýarlamak boýunça işler.

6. Guratmaklygy talap etmeýän ýerlerde medeni-tehniki işler: ýerleri tokaýdan we gyrymsy agaçlardan, töňňelerden, daşlardan arassalamak, köwläp düzlenenden soň meýdançalary tekizlemek, tümmekleri kesme ýa-da bölme, frezirleme, meýdançalara bölmek we ýylmamak bilen 5 ýyl we ondan köp wagt ulanylmadyk bu ýerleri sürme we beýleki işler.

7. Oba hojalyk hasyllaryny başlangyç özleşdirme (çemenligi, öri meýdany öz içine almak bilen): turşy topragy hekleme we fosforlama; şor topragy gipsleme we melioratiw arassalama; topraga goşmaça dökülen döküne harajatlary goşmak bilen topraga mineral we organiki dökünleri (sürme we beýl.); sürülen topragyň gatlaryny ýumşatmak we bol hem-de kadaly dökülen ýerleri joýalamak, topragy krotowlamak, ýer üsti gerekmejek suwlary aýyrmak saýlap keşleme; meliorasiýa ýerleri özleşdirmek üçin organiki dökünleriň ähli görnüşlerini çykarma.

8. Ýerleri gaýtadan kültelemek; tebigy baýlyklaryň gazylyp alynmagynda bozulan toprak gatlaklarynyň dikeldilmegi, geologiýa-gözleg, gurluşyk we beýleki işleriň geçirilmegi.

9. Ýerleri düýpgöter üýtgetmek boýunça ýokary önümli çemenlikleri we öri meýdanlaryny döretmek üçin işler (gurluşyk işlerinden başga).

10. Hojalygara melioratiw ýaýlymyň we suw tehniki desgalaryň häzirki abatlaýyşy boýunça, hojalygara melioratiw ýaýlymlary we suw tehniki desgalary tehniki hyzmat ediş boýunça, olary wagtlaýyn işe girizmek we melioratiw ulgamlary işe girizýän müdirýet, daýhan birleşikleri we beýleki oba hojalyk kärhanalary hem-de guramalary bilen baglaşylan şertnamalar boýunça suw-hojalyk gurluşyk we abatlaýyş-gurluşyk guramalary tarapyndan ýerine ýetirilýän suwarymly ýerleriň suwaryş barlagy boýunça işler.

11. Melioratiw ulgamlaryň gündelik we düýpli abatlaýyş boýunça işler we hojalygara suwaryş we guradyş ulgamlaryny arassalamak boýunça işler.

12. Meýdangorag tokaý zolaklarynyň döremegi we kert eňňitleriň ýykylmagy.

13. Ilatyň serişdeleriniň hasabyna öýleri gazlaşdyrmak boýunça ýerine ýetirilen işler.

14. Oba hojalyk suw üpjünçilik desgalaryň gündelik abatlaýyşy we tehniki abatlamak boýunça işler.

15. Ulaldylýan toplama boýunça we ulygöwrümli daşary ýurt enjamlarynyň taýýarlanylmagyndan öňki işler.

16. Ýylylyk tehniki agregatlarynyň oda çydamly gatlaklaryny çalyşmak, tehniki guýylary burawlamak we suwpeseldijiler boýunça işler.

17. Tejribe geçirilýän jaýlaryň we gurumlaryň gurluşygy, synag geçirmek üçin buraw-partlaýjy işleri öndürmek, synag enjamlarynyň we gurallarynyň esaslaryny gurnamak, ylmy barlaglaryň geçirilmegine bölünip aýrylan serişdeleriň hasabyna ylmy-barlag guramalary bilen baglaşylan şertnamalar boýunça amala aşyrylýan hakyky synag geçirilmesi bilen uly-masştably tejribeleriň guramasy bilen bagly zaýalanan gurnawlary dikeltmek boýunça işler.